Türkmenistanyň Adalat ministrligi
tarapyndan
2022-nji ýylyň «30-njy» noýabrynda
1665 bellige alyş belgisi bilen
döwlet belligine alyndy

“Döwlet hyzmatlarynyň ýeke-täk sanawy (reýestri) hakyndaky Düzgünnamany tassyklamak barada” Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministriniň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktorynyň hem-de Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň 2022-nji ýylyň 3-nji noýabrynda çykaran 339-iş/79-iş/85-ö belgili bilelikdäki buýrugy

**TÜRKMENISTANYŇ MALIÝE WE YKDYSADYÝET MINISTRLIGI**

**TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ ÝANYNDAKY ULAG WE KOMMUNIKASIÝALAR AGENTLIGI**

**TÜRKMENISTANYŇ STATISTIKA BARADAKY DÖWLET KOMITETI**

# BILELIKDÄKI BUÝRUK

№ 339-iş / 79-iş / 85-Ö /

**2022-nji ýylyň 3 -nji (y) noýabr** **Aşgabat ş.**

**Döwlet hyzmatlarynyň ýeke-täk sanawy (reýestri) hakyndaky Düzgünnamany tassyklamak barada**

«Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021-2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyny tassyklamak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 12-nji fewralynda çykaran 2136-njy karary bilen tassyklanan, Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021-2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyny amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň Meýilnamasynyň üçünji bölegini durmuşa geçirmek maksady bilen,

**B U Ý U R Ý A R Y S:**

1. Döwlet hyzmatlarynyň ýeke-täk sanawy (reýestri) hakyndaky Düzgünnamany tassyklamaly (goşulýar).

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Maliýe we

ykdysadyýet ministriniň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktorynyň we Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň degişli orunbasarlary gözegçilik etmeli.

**Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministri M.Serdarow**

**Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew**

**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygy D.Amanmuhammedow**

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministriniň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktorynyň, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwet komitetiniň başlygynyň 2022-nji ýylyň 3-nji noýabrynda çykaran 339-iş/79-iş/85-ö belgili bilelikdäki buýrugy bilen tassyklanyldy

# Döwlet hyzmatlarynyň ýeke-täk sanawy (reýestri) hakynda DÜZGÜNNAMA

## I bap. Umumy düzgünler

1. Şu Döwlet hyzmatlarynyň ýeke-täk sanawy (reýestri) hakynda Düzgünnama (mundan beýläk – Düzgünnama) «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021-2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyny tassyklamak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 12-nji fewralynda çykaran 2136-njy karary bilen tassyklanan, Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021-2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyny amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň Meýilnamasynyň üçünji bölegine laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy.

2. Şu Düzgünnama Türkmenistanyň ministrlikleri, pudaklaýyn dolandyryş edaralary we ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary (mundan beýläk – arza beriji) tarapyndan fiziki we ýuridik şahslara hödürlenilýän Döwlet hyzmatlarynyň ýeke-täk sanawyny (reýestrini) (mundan beýläk – Sanaw, şu Düzgünnama 1-nji goşundy) döretmegiň, ýöretmegiň, Sanawda bar bolan maglumatlara üýtgetmeleri, goşmaçalary girizmegiň hem-de Döwlet hyzmatlary hakyndaky maglumatlary Sanawdan aýyrmagyň düzgünlerini kesgitleýär.

3. Şu Düzgünnamada bellenilen düzgünleriň ýerine ýetirilmegi fiziki we ýuridik şahslara döwlet hyzmatlaryny hödürleýän arza berijiler üçin hökmanydyr.

4. Arza berijiler öz ýerine ýetirýän we hödürleýän döwlet hyzmatlary baradaky maglumatlary Döwlet hyzmatlarynyň sanawyna (reýestrine) hyzmatlary goşmak, üýtgetmek we (ýa-da) aýyrmak hakynda maglumatlaryň sanawyna (şu Düzgünnama 2-nji goşundy, mundan beýläk – 2-nji goşundy) laýyklykda taýýarlaýarlar.

5. Sanaw döwlet hyzmatlaryny hödürleýän arza berijiler tarapyndan taýýarlanyp berilýän döwlet hyzmatlary baradaky maglumatlary emele getirmek maksady bilen döredilýär.

Sanawy döretmek we ýöretmek Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi (mundan beýläk - Ministrlik) tarapyndan amala aşyrylýar.

Sanawy ýöretmegi Ministrlik kagyz we elektron görnüşde alyp barýar.

6. Ministrlik Sanawdaky saklanýan maglumatlaryň bitewiligini, Sanawa maglumatlaryň, üýtgetmeleriň, goşmaçalaryň we (ýa-da) düzedişleriň öz wagtynda girizilmegini üpjün edýär.

7. Sanawdaky döwlet hyzmatlary hakyndaky maglumatlar Ministrligiň web sahypasynda ýerleşdirilýär.

## II bap. Sanawa girizilýän maglumatlaryň düzümi

8. Sanawa şu aşakdaky maglumatlar girizilýär:

1) döwlet hyzmatynyň kody;

2) döwlet hyzmatynyň ady;

3) döwlet hyzmatlaryny hödürleýän arza berijiler barada maglumat;

4) döwlet hyzmatlaryny bermegiň tertibini kesgitleýän kadalaşdyryjy hukuk namalary;

5) döwlet hyzmatyny alyjy fiziki we/ýa-da ýuridik şahs barada maglumat;

6) döwlet hyzmatynyň mazmuny;

7) tölegli ýa-da tölegsiz döwlet hyzmaty barada maglumat;

8) döwlet hyzmatlaryny bermegiň görnüşi (elektron/kagyz);

9) döwlet hyzmatynyň ýerine ýetirilmeli möhleti;

10) Sanawda bar bolan maglumatlara üýtgetmeleriň we (ýa-da) goşmaçalaryň girizilendigi hakynda maglumatlar.

## III bap. Sanawy döretmek we ýöretmek

9. Sanawyň döredilmegi we ýöredilmegi boýunça işler şu aşakdakylary öz içine alýar:

1) arza berijiden resminamalaryň kabul edilmegini;

2) şu Düzgünnamanyň onunjy böleginde görkezilen resminamalaryň barlygynyň we olaryň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklygynyň barlanylmagyny;

3) döwlet hyzmatlary hakyndaky maglumatlary Sanawa girizmek ýa-da girizmekden ýüz döndermek hakynda çözgüdiň çykarylmagyny;

4) kabul edilen çözgüt babatynda arza berijiniň habarly edilmegini;

5) Sanawda döwlet hyzmatlary hakynda bar bolan maglumatlara üýtgetmeleriň, goşmaçalaryň ýa-da düzedişleriň girizilmegini;

6) döwlet hyzmatlary hakyndaky maglumatlaryň Sanawdan aýrylmagyny;

7) Sanawdaky döwlet hyzmatlary hakyndaky maglumatlaryň Ministrligiň web sahypasynda ýerleşdirilmegini.

10. Döwlet hyzmatlary hakyndaky maglumatlary Sanawa girizmek üçin arza beriji Ministrlige şu aşakdaky resminamalary hödürleýär:

1) arza berijileriň ýolbaşçysynyň goly bilen tassyklanan we möhri bilen berkidilen Döwlet hyzmatlary hakynda maglumatlary Döwlet hyzmatlarynyň ýeke-täk sanawyna (reýestrine) girizmek barada arzasy (şu Düzgünnama 3-nji goşundy);

2) şu Düzgünnamanyň 2-nji goşundysyna laýyklykda doldurylan maglumatlary.

11. Şu Düzgünnamanyň onunjy böleginde görkezilen resminamalar Ministrlige hödürlenilýär.

Hemme hödürlenilýän resminamalar Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen möhletlerde saklanylýan resminamalara degişli bolup durýar. Hödürlenilýän resminamalar resminamalaryň sanawy görkezilen, ýörite kagyz berkidijä çatylan, olaryň her sahypasy belgilenilen bolmalydyr.

12. Arza beriji tarapyndan hödürlenen resminamalar şu Düzgünnamanyň onunjy böleginde görkezilen resminamalara laýyk gelmese, onda Ministrlik olary seretmän galdyrýar we ol resminamalary arzanyň gelip gowşan gününden başlap 3 (üç) iş gününiň dowamynda arza berijä ýa-da onuň ygtyýarly wekiline resminamalaryň yzyna gaýtarylmagyna sebäp bolan ýagdaýlaryň aradan aýrylmagy üçin yzyna gaýtarýar.

13. Ministrlik şu Düzgünnamanyň onunjy böleginde göz öňünde tutulan resminamalaryň kabul edilen gününden başlap, ýigrimi senenama gününiň dowamynda ondaky maglumatlaryň dolulygyny hem-de dogrulygyny, şeýle hem arza beriji tarapyndan şu Düzgünnamada bellenen talaplaryň ýerine ýetirilendigini barlaýar.

Arza beriji tarapyndan şu Düzgünnamada bellenen talaplaryň ýerine ýetirilendigini barlamak üçin Ministrlikde Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň «Türkmenaragatnaşyk» agentliginiň ygtyýarly eden edarasynyň hem-de Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň jogapkär hünärmenlerinden ybarat bolan Topar döredilýär. Toparyň düzümi Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministri tarapyndan tassyklanylýar.

14. Topar arza berijiniň resminamalaryna seredip, şu aşakdaky çözgütleriň birini kabul edýär:

1) döwlet hyzmatlary hakynda maglumatlary Sanawa girizmek hakynda;

2) döwlet hyzmatlary hakynda maglumatlary Sanawa girizmekden ýüz döndermek hakynda.

Toparyň çözgüdi teswirnama bilen resmileşdirilýär we ol Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministri tarapyndan tassyklanylýar.

15. Ministrlik Toparyň kabul eden çözgüdi barada, onuň kabul edilenden soň, üç iş gününiň dowamynda Döwlet hyzmatlary hakyndaky maglumatlary Sanawa girizilendigi hakynda ýa-da girizmekden ýüz dönderilendigi hakynda kabul edilen çözgüt barada sebäplerini görkezmek bilen arza berijä ýa-da onuň ygtyýarly wekiline ýazmaça görnüşde habar berýär.

16. Döwlet hyzmatlary hakyndaky maglumatlar Sanawa girizileninden soňra, girizilen gününden başlap, Ministrlik 3 (üç) iş gününiň dowamynda arza berijä ýa-da onuň ygtyýarly wekiline döwlet hyzmatlary hakyndaky maglumatyň Sanawa girizilendigi barada degişli tassyklaýjy resminamany, onuň nusgasyna gol çekdirmek arkaly gowşurýar.

## IV bap. Sanawda bar bolan maglumatlara üýtgetmeleri we/ýa-da goşmaçalary girizmek

17. Sanawda bar bolan döwlet hyzmatlary hakynda maglumatlara üýtgetmeler we/ýa-da goşmaçalary girizmek şu Düzgünnamanyň onunjy böleginde görkezilen maglumatlar üýtgän ýagdaýynda amala aşyrylýar.

Şunda, arza berijiniň sanawyndaky Döwlet hyzmatlarynyň ýeke-täk sanawyna (reýestrine) döwlet hyzmatlary hakynda bar bolan maglumatlara üýtgetmeler ýa-da goşmaçalar girizmek barada arzasy esasynda Sanawa degişli maglumatlar girizilýär,

şeýle hem üýtgetmeleri ýa-da goşmaçalary girizmäge esas bolan resminamalar barada maglumatlar (rekwizitler) ýazylýar.

18. Sanawa üýtgetmeleri we (ýa-da) goşmaçalary girizmek zerurlygy ýüze çykan ýagdaýynda, arza beriji şeýle üýtgetmeleriň, goşmaçalaryň girizilmeginiň ýüze çykan gününden başlap 5 (baş) iş gününiň dowamynda Ministrlige degişlilikde Döwlet hyzmatlarynyň ýeke-täk sanawyna (reýestrine) döwlet hyzmatlary hakynda bar bolan maglumatlara üýtgetmeler ýa-da goşmaçalar girizmek barada arzasyny (şu Düzgünnama 4-nji goşundy) hem-de olara degişli tassyklaýjy resminamalary hödürleýär.

Sanawa üýtgetmeleri we/ýa-da goşmaçalary girizmek arzalaryň berlen gününden başlap 7 (ýedi) iş gününiň dowamynda amala aşyrylýar.

19. Arza beriji tarapyndan hödürlenen resminamalar Türkmenistanyň kanunçylygynyň talaplaryna laýyk gelmedik ýagdaýynda, Topar tarapyndan Sanawda döwlet hyzmatlary hakyndaky bar bolan maglumatlara üýtgetmeleri we (ýa-da) goşmaçalary Sanawa girizmekden ýüz döndermek hakyndaky çözgüt çykarylýar.

20. Topar tarapyndan şu Düzgünnamanyň on dokuzynjy böleginde görkezilen çözgüt çykarylan ýagdaýynda, bu barada Ministrlik çözgüt çykarlan gününden başlap 3 (üç) iş gününiň dowamynda Döwlet hyzmatlary hakyndaky maglumatlara üýtgetmeleri we (ýa-da) goşmaçalary Döwlet hyzmatlarynyň ýeke-täk sanawyna (reýestrine) girizmekden ýüz dönderlendigi hakynda arza berijä ýa-da onuň ygtyýarly wekiline ýazmaça görnüşde habar berýär.

## V bap. Döwlet hyzmatlary hakyndaky maglumatlary Sanawdan aýyrmak

21. Döwlet hyzmatlaryny Sanawdan aýyrmak Toparyň döwlet hyzmatlaryny Sanawdan aýyrmak hakyndaky çözgüdine laýyklykda Ministrlik tarapyndan amala aşyrylýar.

22. Döwlet hyzmatlary hakyndaky maglumatlary Sanawdan aýyrmak üçin şu aşakdakylar esas bolup durýar:

1) döwlet hyzmatlary hakyndaky maglumatlary Sanawdan aýyrmak baradaky arza berijiniň arzasy (şu Düzgünnama 5-nji goşundy);

2) ýuridik şahs hökmünde bellige alnan arza berijiniň Türkmenistanyň Ýuridik şahslarynyň ýeke-täk döwlet sanawyndan çykarylmagy;

3) Sanawa girizilen döwlet hyzmatlary hakyndaky maglumatlaryň hakyky däl bolup ýüze çykmagy;

4) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki esaslarda.

23. Ministrlik tarapyndan döwlet hyzmatlary hakyndaky maglumatlaryň Sanawdan aýrylmagy Topar tarapyndan döwlet hyzmatyny Sanawdan aýyrmak hakyndaky çözgüdiň kabul edilen gününden başlap, 5 (bäş) iş gününiň dowamynda amala aşyrylýar.

24. Döwlet hyzmatlary hakyndaky maglumatlaryň şu Düzgünnamanyň ýigrimi ikinji böleginde görkezilen esaslar boýunça Sanawdan çykarylandygy hakynda Ministrlik tarapyndan arza berijä ýazmaça görnüşde habar berýär.

Döwlet hyzmatlarynyň ýeke-täk sanawy (reýestri) hakynda Düzgünnama 1-nji goşundy

## Döwlet hyzmatlarynyň ýeke-täk sanawy (reýestri)

| Döwlet hyzmatynyň kody | Döwlet hyzmatynyň ady | Döwlet hyzmaty beriji tarap barada maglumat | Döwlet hyzmatlaryny bermegiň tertibini kesgitleýän kadalaşdyryjy hukuk namalar | Döwlet hyzmatyny alyjy fiziki we/ýa-da ýuridik şahs barada maglumat | Döwlet hyzmatynyň mazmuny | Tölegli/ tölegsiz döwlet hyzmaty | Döwlet hyzmatlaryny bermegiň görnüşi (elektron/kagyz) | Döwlet hyzmatynyň ýerine ýetirilmeli möhleti |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | |
| | | | | | | | | |
| | | | | | | | | |
| | | | | | | | | |
| | | | | | | | | |
| | | | | | | | | |
| | | | | | | | | |
| | | | | | | | | |
| | | | | | | | | |
| | | | | | | | | |
| | | | | | | | | |

Döwlet hyzmatlarynyň ýeke-täk sanawy (reýestri) hakynda Düzgünnama 2-nji goşundy

**Döwlet hyzmatlarynyň sanawyna (reýestrine) hyzmatlary goşmak, üýtgetmek we/ýa-da aýyrmak hakynda maglumatlaryň SANAWY**

| № | Berilmeli maglumat | Döwlet hyzmatlary barada maglumat |
|---|---|---|
| 1 | Döwlet hyzmatlarynyň ady | |
| 2 | Ulgamynda ýerleşdirilen hyzmatyň bellige alyş belgisi kody we berilen senesi | |
| 3 | Döwlet hyzmatlaryny hödürleýän ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralaryň we ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň atlary | |
| 4 | Döwlet hyzmatlaryny bermegiň tertibini kesgitleýän kadalaşdyryjy hukuk namalary | |
| 5 | Döwlet hyzmatyny bermegiň usullary (tölegli/tölegsiz) | |
| 6 | Döwlet hyzmatyny bermegiň netijesiniň beýany | |
| 7 | Döwlet hyzmatyny üpjün etmegiň möhleti (hyzmat bermäge gatnaşýan häkimiýetler, edaralar we guramalar bilen baglanyşykly işlerini hasaba almak bilen) we hyzmatyň berilmegi netijesinde resminamalary bermek (ibermek) möhleti | |
| 8 | Elektron ýa-da kagyz arza hasaba alnandan soň, döwlet hyzmatyny bermegiň möhleti | |
| 9 | Döwlet hyzmatynyň togtadylmagy ýa-da hyzmat bermekden ýüz öwürmegiň esaslary | |
| 10 | Döwlet hyzmatyny almak üçin arza beriji tarapyndan tabşyrylmaly resminamalar, arza beriji tarapyndan bu resminamalary almagyň usullary we resminamalary tabşyrmagyň tertibi barada maglumatlar | |
| 11 | Arza beriji tarapyndan Döwlet hyzmatyny elektron görnüşinde almak üçin doldurylmaly arzalaryň görnüşleri | |
| 12 | Türkmenistanyň hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda arza berijiniň edýän döwlet hyzmatynyň kagyz ýa-da elektron arkaly berilmeginiň tölegli (tölegsiz) bolmagyny, hyzmatlary bermek üçin tölegi hasaplamagyň usulyýeti, olary tassyklaýan kadalaşdyryjy hukuk namalary barada maglumat | |

| | | |
|---|---|---|
| 13 | "Döwlet hyzmatlarynyň ýeke-täk sanawy (reýestri)" maglumat ulgamyndaky hyzmatlar baradaky maglumatlara üýtgetmeleri (goşmaçalary) girizmegiň senesi we esaslary | |
| 14 | Döwlet hyzmatlary portalynda (www.e.gov.tm) arza berijiniň öz döwlet hyzmatlaryny ýerleşdiren ýeri we ady | |
| 15 | Döwlet hyzmatlary portalyna (www.e.gov.tm) elektron hyzmatyň ýerleşdirilen senesi | |
| 16 | Döwlet hyzmatlary portalyna (www.e.gov.tm) elektron hyzmatyň ýerleşdirilen usullary (API we (ýada) salgysy) | |
| **Degişli döwlet edaralary barada maglumatlary, degişli döwlet hyzmatlaryny bermegiň düzgünleri barada maglumat** | | |
| 17 | Döwlet hyzmatlaryny hödürleýän arza berijileriň ýerleşýän ýeri (salgysy) | |
| 18 | Bellenilen bölüm hem-de jogapkär(ler) barada maglumat (familiýasy, ady, atasynyň ady, iş telefon belgileri ýa-da elektron poçtasy) | |
| 19 | Döwlet hyzmatlaryny hödürleýän arza berijileriň telefon belgileri, faks belgileri, internetdäki resmi web sahypalarynyň salgylary, e-poçta salgylary we iş tertibi barada maglumatlar | |
| 20 | Tölegli döwlet hyzmatlaryny hödürleýän arza berijileriň töleg rekwizitleri barada maglumatlar | |

Döwlet hyzmatlarynyň ýeke-täk sanawy (reýestri) hakynda Düzgünnama 3-nji goşundy

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligine

**Döwlet hyzmatlary hakynda maglumatlary Döwlet hyzmatlarynyň ýeke-täk sanawyna (reýestrine) girizmek barada**
**Arza**

___________________________________________
(ýuridik şahsyň doly ady )

___________________________________________
(ýerleşýän ýeri)

___________________________________________
(bank rekwizitleri)

___________________________________________
(Türkmenistanyň Ýuridik şahslarynyň ýeke-täk döwlet sanawyndaky belgisi)

___________________________________________
(telefony, elektron poçtasynyň salgysy)

Döwlet hyzmatlary hakyndaky maglumatlary Döwlet hyzmatlarynyň ýeke-täk sanawyna (reýestrine) sanawyna girizmeklik barada haýyş edýärin.

Ýerine ýetirýän döwlet hyzmatlarynyň görnüşleri
___________________________________________
___________________________________________
___________________________________________

Arzanyň ýanyna goşulýan resminamalar:
1. ___________________________________________
2. ___________________________________________

"____" _______ 20__ý. _________ ____________________
(goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

M. ý.
Arzany kabul eden _________ ____________________
(goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

"____" ___________ 20__ý.

Döwlet hyzmatlarynyň ýeke-täk sanawy (reýestri) hakynda Düzgünnama 4-nji goşundy

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligine

**Döwlet hyzmatlarynyň ýeke-täk sanawyndaky (reýestrindäki) döwlet hyzmatlary hakyndaky bar bolan maglumatlara üýtgetmeler ýa-da goşmaçalar girizmek barada**

**Arza**

______________________________________________

(ýuridik şahsyň doly ady)

Döwlet hyzmatlarynyň ýeke-täk sanawyndaky (reýestrindäki) aşakda agzalýan döwlet hyzmatlary hakyndaky bar bolan maglumatlara üýtgetmeleriň we (ýa-da) goşmaçalaryň girizilmegi barada haýyş edýärin.

______________________________________________

(ýerleşýän ýeri)

______________________________________________

(bank rekwizitleri)

______________________________________________

(Türkmenistanyň Ýuridik şahslarynyň ýeke-täk döwlet sanawyndaky belgisi)

______________________________________________

(telefony, elektron poçtasynyň salgysy)

Bellik: şu aşakdaky bentler çözgüt çykarylanyndan soň doldurylýar:

1) Döwlet hyzmatlarynyň ýeke-täk sanawyndaky (reýestrindäki) döwlet hyzmatlary hakyndaky bar bolan maglumatlara üýtgetmeler we/ýa-da goşmaçalar girizmek barada Toparyň çykaran çözgüdiniň senesi we belgisi______________________________;

2) Döwlet hyzmatynyň Döwlet hyzmatlarynyň ýeke-täk sanawynda (reýestrinde) hasaba alnan senesi we belgisi______________________________;

3) Sanawa girizilen üýtgetmeler we (ýa-da) goşmaçalar hakynda maglumatlar:

______________________________________________.

______________________________________________

"____" ________ 20__ ý. ________ (goly) ________________ (familiýasy, ady, atasynyň ady)

M. ý.

Arzany kabul eden ________ (goly) ________________ (familiýasy, ady, atasynyň ady)

"____" ________ 20______ ý.

Döwlet hyzmatlarynyň ýeke-täk sanawy (reýestri) hakynda Düzgünnama 5-nji goşundy

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligine

**Döwlet hyzmatlarynyň ýeke-täk sanawyndaky (reýestrindäki) Döwlet hyzmaty hakyndaky maglumatlary Sanawdan aýyrmak barada**
**Arza**

______________________________________________
(ýuridik şahsyň doly ady)

Döwlet hyzmatlarynyň ýeke-täk sanawyndaky (reýestrindäki) aşakda görkezilen döwlet hyzmaty hakyndaky maglumatlary Sanawdan aýyrmak barada haýyş edýärin.

______________________________________________
(ýerleşýän ýeri)

______________________________________________
(bank rekwizitleri)

______________________________________________
(Türkmenistanyň Ýuridik şahslarynyň ýeke-täk döwlet sanawyndaky belgisi)

______________________________________________
(telefony, elektron poçtasynyň salgysy)

Döwlet hyzmatlarynyň ýeke-täk sanawyndaky (reýestrindäki) döwlet hyzmaty hakyndaky maglumatlary Sanawdan aýyrmak barada Toparyň çykaran çözgüdiniň senesi we belgisi
______________________________________________

______________________________________________

Döwlet hyzmatynyň Döwlet hyzmatlarynyň ýeke-täk sanawynda (reýestrinde) hasaba alnan senesi we belgisi
______________________________________________
Esas:__________________________________________
______________________________________________
______________________________________________
______________________________________________

"____"____20__ý. ____________ ______________________
(goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

M. ý.

Arzany kabul eden ____________ ______________________
(goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

"____" ____________ 20__ ý.